# Gurbaga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gurbaga GURBAGA



Maňa gözüň balkyldadyp garama,
Geň maňa seň bu garaýşyň gurbaga.
Men güzere geldim batamsoň gama,
Geldim bile dymyp söhbet gurmaga.
Senem bu dünýäde bir täsin jandar,

Menem gezip ýörün birhili mahluk.
Ýöne sende birje artykmaçlyk bar,
Mende weli ýok ol,
men ondan mahrum.

Gurbaga dost!
Sen suwlarda ýüzýärsiň,
Arkaýyn gezýärsiň gury ýerde-de.
«Warryk-wurruk» edip, joşup sözlärsiň,
Owazyňy çekip belent perdeden.

Seniň ýaly bolup bilmejegim hak,
Başarman sesimem sesiňe deňläp.
Ýöne gamyň derýasynda bolman gark,
Ýüzüp bilsemem bes, özüňe meňzäp.

***

Derýa akyp ýatyr, sesi-üýni ýok,
Giňligine haýran,
çuňlugna haýran.
Diňe öňe barýar,
Yza dönenok,
Indi çeşmä dönüp gör haçan saýrar?!

Gök deňze garylyp gitmeli indi,
Onsaň derýalygyn ýitirer anyk.
Ýöne ýagşylygy edensoň endik,
Derýa Akyp barýa paýhasa çümüp.

Sylapberdi MUHAMOW. Goşgular